# Eşek hem Köpek / basnýalar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Eşek hem Köpek / basnýalar EŞEK HEM KÖPEK

Eşege gaharly diýenmiş Köpek:
– Horyda wagtyñ-a däldiñ sen depek.

Kyn eken bolmasa utanjyñ-haýañ,
Deper ýaly näme edenmiş eýäñ?

Iýdirdi, içirdi, semretdi seni,
Heý, şeýle zat bormy, ynsabyñ hany?!

Eşek diýenmişin: «Beýle diýmegin,
Depmek üçin berilendir toýnagym».

– Seni saklamasa nogtadyr duşak,
Señ bilen il bolmak kyn eken, Eşek!

- **BETPÄL**

Garagurt ýylgyryp, diýenmiş: «Içýan!
Men çakamda ähli zähermi saçýan.
Nätjekdiñ sen meni gepledip uzak,
Çakanyñ galmasyn, ikinji gezek».

* * *

Eden etmişine ökünmeg-ä däl,
Özüne meñzeşi ösdürmiş betpäl.

- **TILKI**

Şiriñ suratyna dikip nazaryn,
Tilki diýenmişin: «Niçik gezerin,

Bir gün ýaşap bilmen men şondan añry,
Saña uzak ömür bersin-dä Tañry»…

Gören diýýär: «Bolup ýörşi masgara»,
Ýöne sen tilkiniñ bolşuna gara!

Ol bähbit gözleýär. «Duranlañ biri»,
Hökman, şuny aýdyp, begendir Şiri.

Baýram ÇOMMADOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1988 ý. Goşgular